# Sen hakdaky aýdymym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sen hakdaky aýdymym SEN HAKDAKY AÝDYMYM

Sanlyja günlerden bararyn ýene,
Bararyn şol öňki aýdymym aýdyp.
Aýratyn gün bolar ömürlik sene,
Tagma bolup galar aýrylmaz gaýdyp.

Ýeke bagy birje görmek arzuwym,
Aýly gije oturaýyn astynda.
Sen hakynda ähli aýdan aýdymym,
Aýtjaklarym gaýtalanmaz waspyňda.

Aljyrarsyň, tolgunarsyň aşa sen,
Köçäniň ugrunda kändir adamlar.
Meniň hol aňyrda duranym duýup,
Ýele yralanar gülli badamlar.

Şonuň üçin gözlerimde söýgim meň,
Ony aňyp biler söýen adamlar.
Söýgiň nämeligin bilerler aýdyp,
Diňe söýgiň ataşyny dadanlar.

Şamyrat MUHAMMETGURBANOW. Goşgular